# Şerabyndan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şerabyndan ŞERABYNDAN

Kalu belide meni saky esrütdi şerabyndan,
Içürdi maña lagly Hyzryñ suwy, abyndan.

Eý, fitnesi çoh, aýny uýkuda sanan ýary,
Ol fitne hany, ol aýn oýanmady habyndan.

Ýüzündäki häft aýat kim fatihadyr ady,
Täýwili kelamulla açyldy kitabyndan.

Ýüzüñ ne gyzyl güldür, zülfüñ ne gara sünbül,
Häý oldy iki älem reýhanu gülabyndan.

Tabanda ýüzüñ bedri ýa Reb, ne güneşdir kim,
Sergeşte gezer ýanar gün aý ile tabyndan.

Gör, feygtaberu sen, göz aç, baser ählin gör,
Ne hüsn ile çykdy gör magşuga nykabyndan.

Häşrim güneşi dogdy şamynda iki zülfüñ,
Gel, wakyf ol eý, sufy, mizanu hasabyndan.

Hyzryñ aby heýwany nutgudyr anyñ gel, iç,
Gör kim ne haýat akar merjany hoş abyndan.

Hak hyrkaýa eý, zahyd, bakmaz içini art,
Gir älemi töwhide çyk hyrka hijabyndan.

Tesbih ile tagatyñ bazary kesad oldy,
Dükanyny ýyk anyñ, göç eýle harabyndan.

Ýa Reb, nije saýyldyr älemde Nesimi kim,
Ruwhul-kudsuñ nutgy baglandy jowabyndan. Goşgular